# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

15. Halkara gatnawlarda ýolagçylaryň we ýükleriň gatnawyny amala aşyrýan daşary ýurt ulag ekipažlarynyň düzümine girýän fiziki şahslar bölümi.

Bu hili bölümleriň bolmagy konsullyk gulluklarynyň raýatlar bilen özara gatnaşyklarynyň netijeli ýola goýulmaklygyna oňyn täsir edip biljekligi gümansyzdyr. Ýene bir bellenilmeli zat – bu programmalara ady girizilen şahslara degişli maglumatlaryň goraglylygy birkemsiz üpjün edilmelidir. Şu maksat bilen, programmadan peýdalanýan raýatlarda programma özüniň girizen şahsy maglumatlarynyň goraglylygynyň üpjün ediljekligine ynamyň döredilmegi hem göz öňünde tutulmalydyr.

Umuman alanyňda, konsullyk gullugynyň işi özüne örän agyr wezipeleri jemleýär. Şonuň üçin-de bu gullugyň işine sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy meselesi şu günki günüň iň wajyp meseleleriniň birine öwrülýär we bu ugurda degişli işleriň ýokary depginlerde alnyp barylmagy zerur hasaplanylýar.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy. – A., 2018.

2. Konsullyk gullugy hakynda Tükmenistanyň Kanuny. – A., 2020.



**Raşit Gökjäýew,**

*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNY DURMUŞA GEÇIRMEKDE BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ORNY

Halkara gatnaşyklarynda parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, durnuklylygy üpjün etmek Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Türkmenistan bu ugurda yzygiderli çäreleri durmuşa geçirmek bilen umumydünýä wehimlerine netijeli garşy durmak boýunça tagallalary birleşdirmek işinde bitaraplygyň mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanýar. Bitaraplygy saýlap almakda türkmen halkynyň baý taryhy tejribesiniň möhüm ähmiýete eýe bolandygyny bellemek gerek. Parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak, dostluk, açyklyk türkmen halkynyň milli özboluşlylygynyň esasyny düzüpdi.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň binýady bolup durýan bitaraplyk özünde halkara hukugyň we diplomatiýanyň üýtgewsiz ýörelgelerini, şeýle hem parahatçylyk dörediji gatnaşyklaryň oňyn tejribesini we halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen iri başlangyçlaryň öňe sürülmeginiň hem-de

amala aşyrylmagy esasynda öňüni alyş çäreleriniň durmuşa geçirilişini jemleýär. Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk derejesinden hem-de halkara borçnamalaryndan gelip çykýan parahatçylyksöýüjilikli daşary syýasat ugry ähli meseleleri syýasy we diplomatik serişdeler arkaly, esasan-da, BMG-niň we beýleki iri halkara guramalaryň üsti bilen çözmeklige gönükdirilendigini anyk işler arkaly subut edýär.

Türkmen halky taryhy müňýyllyklaryň jümmüşinden azatlyk, agzybirlik, parahatçylyksöýüjilik ýaly düşünjelere uly sarpa goýup gelipdir. Beýleki halklar bilen hoşniýetli gatnaşyklary alyp barmak türkmen halkynyň baş durmuş ýörelgeleriniň biri hasaplanylýar. Türkmenler taryhdan belli bolşy ýaly, urşy ýazgarýan, parahatçylyksöýüjilikli ýaşamagy ündeýän halk hökmünde özüni dünýä tanadyp bilen halk. Baryp, Oguz han eýýamynda merkezleşdirilen özbaşdak türkmen döwletiniň döremeginden tä şu günlere çenli türkmen dilinde "parahatçylyk", "agzybirlik", "uruşlaryň öňüni almak" ýaly sözler düýpli orun alypdyr.

Türkmenler, haçan-da duşman çozanda, hüşgärligi elden bermändirler. Söweşe girmekden öňürti bolsa, diplomatik gepleşikleri geçirmegi makul bilipdirler, sebäbi adamzadyň aşyna awy gatyp biljek urşuň öňüni almak, halkyň asudalygyny üpjün etmek baş maksatlaryň biri bolupdyr.

Döwletleriň arasynda döräp biljek konfliktleriň öňüni almak, söweşlere girişmekden saklanmak ýaly meselelere aýratyn üns berilipdir, başgaça aýdanymyzda, diplomatiýanyň häzirki döwürde "öňüni alyş diplomatiýasy" diýlip atlandyrylýan usuly eýýäm X–XI asyrlardaky türkmen şalyklarydyr-imperiýalary tarapyndan iş ýüzünde giňden ulanylypdyr. Muny türkmenlere "Anadolynyň derwezesini açan", beýik türkmen serkerdesi Alp Arslanyň mysalynda hem görmek bolýar. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, Alp Arslan özüniň 20 müň nökeri bilen Halap töwereklerine ýörişe gaýdanda, onuň öňünden şol wagtlar Anadolynyň "ýüreginde" orun alan Wizantiýa imperiýasynyň imperatory Roman Diogen özüniň 200 müň goşuny bilen çykýar. Onuň esasy maksady Alp Arslanyň öz çäklerinde döwlet işleri bilen meşgullanýandygyndan peýdalanyp, özüniň ägirt uly goşuny bilen Seljukly ýerlerini eýelemekdi. Alp Arslan muňa dogry düşünen ýagdaýda ýanyndaky maşgalasyny, özüne sadyk döwlet emeldarlaryny paýtagt şähere ugradýar. Özi bolsa gepleşikleri geçirmek maksady bilen Roman Diogene hat ýazýar. Hatyň mazmunyna ser salsak, onda boljak söweşiň öňüni almak boýunça jümleler getirilýär. Iki tarapyň goşun gatnaşygyna görä, Alp Arslanyň goşunynyň onlarça esse azdygyna esaslanyp, söweşiň kimiň peýdasyna tamamlanjagy görnetindi. Şonuň üçin hem Alp Arslan ýanyndaky 20 müňlük goşunyny gyrgyna bermejek bolup öňüni alyş diplomatiýasyny ulanmaga çalyşýar we Wizantiýa imperatoryna öz pikirinden gaýtmagy soraýar. "Taryh gaýtalanýar" – Kir II-niň ykbal ýazgydy Roman Diogende hem gaýtalanýar. Parahatçylykly netije bilen ylalaşmadyk imperator 1071-nji ýylyň 26-njy awgustynda bolup geçen Malazgirt söweşinde ýeňilýär we ýesir düşýär. Bu söweşde Wizantiýa goşunynyň düzümindäki oguzlar,

peçenekler, hazarlar ýaly türkmen taýpalary Alp Arslanyň watançylyk çagyryşyna oňyn ýüzlenme bilen çykýarlar [3].

XVI–XIX asyrlarda türkmenlerde öňüni alyş diplomatiýasynyň aýratyn bir ugry – töwellaçylyk ýüze çykyp başlaýar. Ony amala aşyrmak halk arasynda uly abraýdan peýdalanýan kethudalara, işandyr mollalara ynanylýar. Bu bolsa şol döwrüň öňüni alyş diplomatiýasynyň esasy aýratynlygy bolup durýar. Bu döwürde türkmen halky diplomatiýanyň bu görnüşinde uly öwrülişigi amala aşyrýar. Beýik türkmen sazandasy Şükür bagşy bu öwrülişigi amala aşyrmakda nusgawy şahs hasaplanýar. Ol Eýran hanyna ýesir düşen doganyny halas etmek üçin söweş ýoluny däl-de, saz gudratyny saýlap alýar. Netijede, türkmen dutary, saz sungaty öňüni alyş diplomatiýasynyň täsirli guraly hökmünde çykyş edýär.

Gahryman Arkadagymyz “Parahatçylyk sazy – dostluk, doganlyk sazy” atly kitabynda Şükür bagşyny şeýle häsiýetlendirýär: “Bu – parlamentiň wekiliniň, gepleşikleri geçirijiniň, diplomatyň keşbi. Bu ýerde gürrüň meseleleri güýç ulanyp çözmegiň garşysyna ýaraga daýanyp däl-de, eýsem parahatçylykly serişdeleri ulanyp, ýeňiş gazanmak we maksada ýetmek barada barýar” [1].

Hakyky iş ýüzünde öňüni alyş diplomatiýasynyň düýp esasynda şol düzgünler bardyr. Onuň möhümligi barada 1950-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary Trýugwe Li ilkinji gezek belläpdi. Düzgün bolşy ýaly, öňüni alyş çäreleri ýagdaýyň ýitileşmeginiň we onuň açyk, köp halatlarda ýeňip geçmesi kyn bolan ynsanperwerlik, ykdysady we sebit häsiýetli agyr netijelere getirip biljek gapma-garşylyga öwrülmeginiň öňüni almak maksady bilen hem ulanylyp bilner.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasaty sebit we ählumumy howpsuzlygyň hem-de durnuklylygyň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär. Öňüni alyş diplomatiýasy bolsa Türkmenistanyň Bitaraplygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň çözgüdine laýyklykda, 2007-nji ýylda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle Merkeziň Aşgabatda açylmagy ilkinji tejribe boldy we dünýäde öňüni alyş diplomatiýasyny amala aşyrmagyň şu hili gurluşyna meňzeş başga edara ýokdur. Hakykat ýüzünde Birleşen Milletler Guramasynyň Sebit merkezini döretmek bilen, hili boýunça düýbünden täze ýol bilen gitdi. Şeýlelik bilen, halkara tejribesinde köneleşen ýörelgelerden we meňzeşliklerden azat täze syýasy psihologiýanyň döremeginiň ýolunda aýgytly ädim ädildi. Öňüni alyş diplomatiýasy amala aşyrylan mahalynda döwletleriň özygtyýarlylygyny hormatlamaga, olaryň içerki işlerine gatyşmazlyga, deňhukuklylyga we hoşniýetlilige esaslanýan Birleşen Milletler Guramasynyň syýasy-hukuk gurallaryna daýanmak örän wajyp bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, bu Merkezi döretmek başlangyjy türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna degişlidir. Gahryman

Arkadagymyz dünýäniň strategik taýdan möhüm sebitinde hyzmatdaşlygyň düýbünden täze nusgasyny döretmek işiniň başyny başlady. BMG, sebit birleşikleri, Merkezi Aziýanyň döwletleri tarapyndan şeýle merkeziň zerurdygyna we maksadalaýykdygyna düşünilmegi bu başlangyjyň durmuşa geçirilmegine ýardam etdi. Şeýlelikde, sebitiň taryhynda ilkinji gezek şunuň ýaly hemişelik hereket edýän iş guramasy peýda boldy. Ol netijeli syýasy dialogy ilerletmäge, BMG-niň syýasy-hukuk gurallaryna we ägirt uly abraýyna daýanmak bilen, ylalaşyklary, çözgütleri işläp taýýarlamakda özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Tejribäniň görkezişi ýaly, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy öz wagtynda ädilen we öňdengörüjilikli ädim boldy. Merkeziň işi halkara bileleşik tarapyndan ýokary baha mynasyp boldy. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi 17 ýylyň dowamynda özüni häzirki döwrüň derwaýys meseleleriniň köpüsini çözmekde Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamyny Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen baglanyşdyrýan netijeli binýat hökmünde görkezdi.

Şu ýyllaryň dowamynda Türkmenistan bu merkez bilen netijeli hyzmatdaşlyk edip, onuň işine hemmetaraplaýyn goldaw berip gelýär. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny atly Kararnamalarynyň kabul edilmegi BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň halkara hukuk esaslarynyň pugtalandyrylmagy, onuň kuwwatyndan netijeli peýdalanylmagy babatda möhüm ähmiýetli waka boldy. Şeýle-de 2023-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistan tarapyndan hödürlenilen "BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň eýeleýän orny" atly Kararnamany kabul etdi. Resminama Merkezi Aziýa sebitindäki soňky wakalar baradaky täze bölümleri özünde jemleýär hem-de Merkeziň öňüni alyş diplomatiýasy babatda zenanlaryň we ýaşlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlaryny goldaýar [5].

BMG-niň Baş Assambleýasynyň bu örän möhüm resminamalarynyň biragyzdan kabul edilmegi dünýä bileleşigi tarapyndan öňüni alyş diplomatiýasynyň iş tejribesiniň parahatçylygy döretmegiň netijeli guraly hökmünde hemmetaraplaýyn goldawa eýe bolýandygyny äşgär edýär, onuň möhümligi häzirki zaman şertlerinde has-da duýulýar. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň alyp barýan işlerine şeýle ýokary bahanyň berilmegi, ozaly bilen, Türkmenistanyň eýeleýän işjeň ornunyň goldanylýandygyny doly derejede aýan edýär, ýurdumyzyň we döwlet Baştutanymyzyň möhüm halkara başlangyçlary sebitiň iň möhüm hem-de wajyp meselelerini çözmek üçin has amatly ýagdaýýň

döredilmegine, ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine bilelikdäki hyzmatdaşlyga özara kabul ederlikli has netijeli çemeleşmeleriň işlenip taýýarlanylmagyna gönükdirilendir.

Birleşen Milletler Guramasy jedelleriň parahatçylykly ýol bilen kadalaşdyrylmagyna ýardam bermek boýunça tagallalary goldamak üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň möhüm orny babatynda bellemek bilen, kabul edilen Rezolýusiýada sebit merkeziniň öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda, parahatçylyga wehim salynmalaryň garşysyna durmak hem-de sebitde durnukly ösüşi goldamak maksady bilen, gerimleýin sebit hyzmatdaşlygynyň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletlerine ýardam bermekdäki ornuny ykrar edýändigini beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, sebitiň ýurtlarynyň toplan hyzmatdaşlyk tejribesi halkara meselelerini syýasy, diplomatik ýollar bilen çözmegiň täsirli gurallaryny öňe sürmek boýunça Türkmenistanyň başlangyçlarynyň möhümdigini ýene-de bir gezek tassyklaýar, şunda, öňüni alyş diplomatiýasyna möhüm ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň BMG hem-de onuň düzümleri, şol sanda sebit merkezi bilen netijeli hyzmatdaşlygy sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagynda, hyzmatdaşlyk ýagdaýynyň kemala getirilmeginde we durnukly ösüş üçin şertleriň döredilmeginde oňyn çemeleşmeleriň bilelikde işläp taýýarlanylmagyna gönükdirilendir.

Öňüni alyş diplomatiýasynyň esasy ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi üçin täze, netijeli çemeleşmäni döretmek babatdaky maksatlary ileri tutmak bilen, Türkmenistan sebit hem-de halkara dawalaryny düzetmek we gapma-garşylyklary çözmek boýunça wezipäniň hut BMG-niň we oňa agza bolan döwletleriň üstüne ýüklenendigine ünsi çekýär. Bu barada BMG-niň Tertipnamasynyň bu halkara edarasyna halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamak üçin, şol maksat bilen parahatçylyga salynýan howpuň öňüni almak we ony ýok etmek üçin köpçülikleýin netijeli çäreleri görmäge ygtyýarlyk berýän 1-nji maddasynda bellenilendir [4].

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda her bir dawanyň, bolup biläýjek betbagtçylyklaryň öňüni almakda dünýä nusgalyk işleri amala aşyrýar. Häzirki wagtda sebit merkeziniň binýadynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşleri, şol sanda Öňüni alyş diplomatiýasy akademiýasy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy, Merkezi Aziýa döwletleriniň suw-energetika hyzmatdaşlygynyň hukuk meseleleri boýunça maksatnamalaýyn iş topary we beýlekiler döredildi hem-de üstünlikli hereket edýär. Türkmenistan netijeli sebit hyzmatdaşlygy üçin amatly şertleri döretmäge ýardam edip, mundan beýläk hem BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen işjeň gatnaşyk etmegi göz öňünde tutýar.

**EDEBIÝAT**

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy – dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2017.

2. Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasy: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň täze sepgitleri. “Türkmenistan” gazeti, 07.01.2013.

3. *Gurbangeldiýew J*. Seniň ýaşyňda. “Nesil” gazeti, 15.01.2019.

4. Устав Организации Объединенных Наций 1945 г. – М., 1956.

5. *Rahmanow A*. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – A.: TDNG, 2014.

6. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A., 2022.

**Döwlet Bekdaşow,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

## ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASY – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNAMYŇ DAÝANJY

Türkmenistanyň daşary syýasaty binýatlaýyn esasda, ýagny bitaraplyk, parahatçylygy söýmek, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine berk eýermek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle syýasat biziň ýurdumyza hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga, dürli ugurlar boýunça köpugurly gepleşikleri alyp barmaga, özara kabul ederlikli çözgütleri tapmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň iri halkara hökümetara guramalary bilen gatnaşyklary barada aýdylanda, onda onuň Birleşen Milletler Guramasy bilen örän ýakyndan amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyny aýratyn belläp geçmek zerurdyr. Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, Birleşen Milletler Guramasyny özüniň strategik hyzmatdaşy hökmünde saýlap almagynyň esasynda Türkmenistanyň we BMG-niň uzakmöhletli maksatlarynyň biri-birine laýyk gelmegi ýatandyr. BMG-niň degişli düzgünine laýyklykda, Howpsuzlyk Geňeşi özüniň 1992-njy ýylyň 7-nji fewralyndaky 3050-nji mejlisinde Türkmenistany BMG-niň agzalygyna kabul etmek baradaky meselä seretdi we şol mesele boýunça özüniň 751-nji rezolýusiýasyny kabul etdi. Şeýlelikde, 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynda ses berişligi geçirmezden, Türkmenistan BMG-niň agzalygyna kabul edildi. Halkara tejribesine esaslanyp gurama täze kabul edilen doly hukukly döwlet hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti bu halkara hökümetara guramada öz hemişelik wekilini bellemek barada Permana gol çekdi. Şeýlelikde, 1992-nji ýylyň 13-nji martynda Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Amangeldi Rahmanow Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili hökmünde BMG-niň Baş sekretaryna Hatyny gowşurdy.